Türkmen halkynyň beýik akyldar şahyrynyň filosofiýasy ynsanperwerlige, şol sanda ekologiki ynsanperwerlige esaslanyp, adamda Watana bolan söýgini, tebigata we onuň baýlyklaryna aýawly garamagy hem-de geljekki nesiller üçin aýap saklamak duýgularyny döredýär.Magtymgulynyň filosofiýasynda adam bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşyklaryň sazlaşygyna,onda ekologiki medeniýetiň kemala gelmek meselelerine uly orun berilýär.

Şahyryň döredijiliginde mähriban ülkämiziň tebigaty aýratyn orun tutýar, ol akyldaryň adamyň durmuşy baradaky filosofiki pikir ýöredişinde jemgyýet hem tebigata salgylanýar.Magtymgulynyň eserlerinde tebigat gaýtalanmajak gözellik bilen sazlaşykly şekillendirilýär. Magtymgulynyň ekologiki ynsanperwerligi daşky gurşawy özgertmekde ynsan bilen tebigatyň arasyndaky üzülmez arabaglanyşygy görkezýär. Şahyr ynsanyň aýratyn häsýetlerini, maksada okgunlylygyny, döredijilik ylhamyny, söýgi duýgularyny beýan edende tebigatdan mysal getirýär, şol bir wagtyň özünde ynsan bilen tebigatyň sazlaşygynyň möhümligini görkezip, adamlaryň döredijі işlerine tebigatyň duýgudaşlygyny görkezýär.

Magtymgulynyň döredijiligine bolan gyzyklanma tötänleýin däl, onuň filosofiýasy umumadamzat gymmatlyklarynyň egsilmez çeşmesidir. Dünýäniň filosofiki pikirinde ynsanperwerlik, adam, onuň jemgyýetdäki orny we onuň geljegi barada ylmy taglymatlar köp. Magtymgulynyň ynsanperwerligi onuň adam iň gymmatly hazyna diýen öý-pikirlerinde jemlenýär.Akyldaryň filosofiki pikirleri häzirki zaman türkmen döwletiniň gurluşynda öz beýanyny tapdy.

Adam ýaşaýşyň, barlygyň düýp manysyna düşünmekligi isläp, diňe geçmiş we şu gün däl, eýsem Ýer togalagynyň geljegi, şol sanda ekologiki ýagdaýy barada hem oýlanýar. Häzirki zaman adamsy üçin “ekologiýa” diýen düşünje onun filosofiki-seljerme pikir ýöredişiniň we ekologiýa medeniýetiniň aýrylmaz bir bölegi boldy. Häzirki zaman dünýäsinde özgertmeleriň esasy hereketlendiriji güýji bolmak bilen, adam tebigatyň bir bölegi hökmünde, onuň bilen hemişe gatnaşykda we ol gatnaşyklary sazlaşdyrmaga çalyşýar. Magtymgulynyň döredijilik mirasy diňe bir milli gymmatlyk bolman, ol umumadamzat medeniýetiniň genji-hazynasynyň bir bölegidir.

**Mähri ŞIRIÝEWA**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby**

Все права защищены